# Aýna öý

Category: Kitapcy,Publisistika,Romanlar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Aýna öý AÝNA ÖÝ



*Telewizordan we hemme ýere oturdylan gözegçilik wideokameralaryndan tanymal adamlar bilen bir hatarda bütin dünýä häzir Zamýatiniñ göz öñüne getiren döwletinde ýaşaýar*
Edebiýat dünýäsinde Jorj Oruelli we onuñ naýbaşy eserleri «Malýatak» bilen «1984» romanlaryny bilmeýän ýok. Ýazyjy simwoliki dilde Stalindir Mussolinini esas alyp, senzurada we diktaturada ýaşaýan dünýäni suratlandyrýar.
Oruelliñ şeýle realistik fantaziýalaryñ ilkinji oýlap tapyjysy däldigini bilýänler az.
Oruell, ýene bir britaniýaly ýazyjy G.G.Uells we beýlekiler 1920-nji ýylda «Biz» romanyny çap etdiren sowet ýazyjysy Ýewgeniý Zamýatini köp derejede gaýtaladylar.
Telewizor heniz oýlanyp tapylmandy. Şonuñ üçin Zamýatin doly

aýnadan gurlan «ýeke-täk» döwleti göz öňüne getirdi. Bu döwletde raýatlaryň ýeke-ýalňyz galyp biljek birje sagadyndan başga wagt bütin ilatyň edýän her bir hereketi synlanmalydy. Telewizordan we hemme ýere oturdylan gözegçilik wideokameralaryndan tanymal adamlar bilen bir hatarda bütin dünýä häzir Zamýatiniň göz öňüne getiren döwletinde ýaşaýar.




Iki amerikan prezidenti Baýdeniñ we Trampyñ arasyndaky duşuşyk aýnadan öýdedi. Iş başyndaky prezident myhmanyny agyr gülümsireme bilen garşylaýar.

Täze saýlanan prezident bolsa Ak Tama gelişini dört ýyl gijikdiren adama gülümsiremek üçin elinden gelenini edýär!
Köplenç ýalňyş ulanylýan «beden dili» adalgasyna gaýdyp geljek bolup goşmaça paragraf açandygym üçin ötünç soraýaryn.
Bedeniň dili ýok. Heýjanly, gyzgyn, şadyýan, aglamjyrap duran, gyzaran, çişen, daralan we gaşlary çytylan ýüz.
Kämahal ýeke gol hereketi ýa-da başga bir zat ýardam eder, emma «sessiz gepleşik» ýa-da «ekstra dil» mimikasydyr.
Hiç kim maňa düzediş girizmez diýip pikir edýärin: A dilsizleriň dili näme onda?
Allatagala olara ýardam etsin-dä, bu dogabitdu dil däl, öňden belli yşarat.
Yşaratlar başga zat, buýruklar başga zat. Munuň özi käbir adamlaryň öwrenýän we hemmeleriň gepleýän dilidir.
Her niçik-de bolsa biz aýtjagymyzy aýtdyk.
Meseläni siziň öz erk-ygtyýaryňyza, düşünjäňize we adalatyňyzyň mertebesine goýduk. Şu isleg bilen eger aýdylsa we çäklense, dünýämiziň öňümizdäki dört ýyly iň täsirleýji ýüzler bilen başdan geçirjekdigine-de häzirden ünsüňizi çekip goýýaryn. Ýöne bu gürrüňsiz ýeterlik bolmaz.
Semir ATAULLAH,
Liwanly žurnalist.

Anna, 15.11.2024 ý. Publisistika